# Babyalynyñ iñ soñky galamy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Babyalynyñ iñ soñky galamy BABYALYNYÑ IÑ SOÑKY GALAMY




Ol – «jon türklükden», ittihatçylykdan respublika uzaýan rewolýusiýalaryñ tarapdary…
Ol – hemişe kemalist progressiw, elmydama «Kuwaýy-milliýe»-çi…
Ol – hoşgylaw sagçy…
Ol – çekilen çileleri hasaba alyjy taryhçy…
Ol – hakykaty öwrenmek söýgüsi gutarmajak eserdeñ, talapkär barlagçy…
Ol – paýlaşyjy arhiwçi…
Ol – «ermeni genosidi» diýen uly-uly ýalanlaryñ garşysyndaky güýçli, gory ýetik galam…
Ol – armany-irmäni bilmeýän döredijilikli zehin…
Ol – korrespondentlikden baş redaktorlyga uzaýan ar-namysly žurnalistikanyñ ýadygärlik binasy…

Ol – häli-häzirlerem daktiloskopiki usulda ýazylýan Babyaly köteliniñ iñ soñky wekili…
Ol plazalaşyp barýan mediýa garşy duran metbugat pensioneri…
Ol habar beriş merkezleriniñ añy dury, işeññir serbazy…
Ol – hak-hukuk, adalat gözleýän göreşiji..
Ol – dost saýanlarynyñ hyýanatyna uçrasa-da, ynsana bolan ynanjyny ýitirmedik mydamalyk ynsanperwer…
Ol – «Metbugatyñ Hormatly kartynyñ» («Basın Şeref Kartı») eýesi…
Ol – Beýazit meýdanyndaky «Çynaralty Kyrathanasynyñ» (çaýhana) we kitap dükanlarynyñ belent sesli müşderisi…
Ol – Stambulyñ aşygy, hemişe ykjam we arassa geýinýän, ýeke paltoly beýependisi…
Ol – öýke-kineden uzak, açykgöwünli, güler ýüzli, hoşsöhbet, şahandaz ynsan…
Ol – Taýlan Sorgun (1938-2023)…




* * *

Mekdepden çykan ilkinji žurnalist, «Şeýhzadabaşy»-synda Müderris Ýahýa Fehmi Tuna tarapyndan gurulan Stambuluñ

Žurnalistika mekdebiniñ uçurymy.
Karýerasyna «Yeni Gazete»-de başlady.
Soñ Ahmet Emin Ýalmanyñ «Vatan» gazetinde işledi. «Ýassyda sud proseslerini» dowamly yzarlap, nijeme habarlary ýazdy.
Ýazýanlary gazete eýelik edýän şärikdeşleriñ arasynda oñuşmazlygyñ döremegine getirdi, Ýalmanyñ döreden «Hür Vatan» gazetinde korrespondentlige dowam edenem bolsa, gazetiñ ömri gysga boldy…
Demokratik partiýanyñ (DP) häkimiýet başynda oturan döwri ýapylan, kagyz üpjünliginde kynçylyklara sezewar edilen, garşysyna derñew işleri açylan «Kim» žurnalyna geçdi.
Goşarynda urulan el gandallary işinde gazanan üstünlikleri üçin berilen medallar saýylýan žurnalistlerden hasaplandy.
1964-nji ýyl. Bedii Faikdir Falih Ryfky Ataýyñ eýelik edýän döwrüniñ öñdebaryjy gazetlerinden Adalat partiýasynyñ (AP) tarapdarlygyny edýän «Dünya» gazetinde habar bölüminiñ müdirligine bellendi.
«Yankı», «7 Gün» žurnallaryna ýolbaşçylyk etdi.
Žurnalistlikden birjigem daşlaşmady. «Güneş», «Tercüman», «Ortadoğu» gazetlerinde işledi, «Aydınlık» gazetinde çykyş etdi.
Işlän ýerlerine hemişe arka durdy…
İnönü, Baýar, Menderes, Demirel, Ejewit, Özal ýaly syýasy liderleri yzarlady, olar bilen gürrüñdeşlikler geçirdi.
Faktlara hemişe wepaly bolup galan hakykatçyl…
Onuñ taýýarlan materiallary düýn bilen şu günüñ arasynda köpri bolup hyzmat etdi…
Wagtyñ geçmegi bilen «mekdep» boldy, 66 ýyllyk zähmet karýerasynda nijeme žurnalistleri ýetişdiren halypalyga ýetdi…




* * *

«Vatan» gazetinde işlän döwründe (işimdäki halypam diýen) Ahmet Emin Ýalmanyñ we «Dünya» gazetinde işlän döwründe Falih Ryfky Ataýyñ “geljekde ussat ýazyjy bolasyñ gelse, ýakyn taryhy gowy öwrenmeli borsuñ» öwüdini tutdy, okany bilen çäklenmedi, barlag işlerini geçirdi.

Atatürk bilen işleşenler hem-de 1908-nji ýyldan 1938-nji ýyla çenli aralykdaky döwrüñ janly şaýatlary bilen duşuşyklar geçirdi, kitaplar ýazdy:

– «Imperiýadan respublika. Fahretdin Altaý paşanyñ ýatlamalary» («İmparatorluktan Cumhuriyet’e / Fahrettin Altay Paşa’nın Hatıratı»);

– «Döwlet dawasy. Ittihat we terakkiniñ nämälim taraplary» («Devlet Kavgası / İttihat ve Terakki’nin Bilinmeyen Yönleri»);

– «Ýaraşyk şertnamasy döwri we «Bekiraga» rotasy. Türkleriñ sütem astynda geçen bir ýyly» («Mütareke Dönemi ve Bekirağa

Bölüğü / Türklerin İşkencede Bir Yılı»):
– «Ýesir şäheriñ janpenalary. Bir tarapda watansöýüjiler, beýleki bir tarapda hyzmatdaşlar» («Esir Şehrin Fedaileri / Bir Yanda Vatanseverler, Öte Yanda İşbirlikçiler);
– «Kutul-Amaräniñ gahrymany Halil paşa. Gutarmaýan uruş» («Kut’ül Amare Kahramanı Halil Paşa / Bitmeyen Savaş»).




Gynansak-da… Taýlan Sorgunyñ galamy 2-nji ýanwarda hemişelik elinden gaçdy.
Oña respublikanyñ ýüzünji ýylyny görmek nesip etdi.
Biz ondan ömürbaky minnetdar.
Rahat ýat, «güllesi» hemişe doly köne hyrly…
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 06.01.2023 ý. Publisistika